wagyz etmegi, milli sungatyň mundan beýläk hem yzygiderli ösdürilmegini üpjün etmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Medeniýet ministrligini döredip, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligini ýapmaly.

2. Türkmenistanyň Medeniýet ministrligini ýapylan Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň hukuk oruntutary hasaplamaly.

3. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary M. Ýazmuhammedowa gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 17-si.*
*№ PP-5870*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1519 G. H. Myradow hakynda

**Gulmyrat Hudaýberdiýewiç Myradowy** Türkmenistanyň Medeniýet ministri wezipesine bellemeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 17-si.*
*№ PP-5870A*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1520 Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetini döretmek hakynda

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda telewideniýäni, radiony we kinematografiýany häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmek, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ýokary ösüşlere eýe bolýan halkymyzyň gazanýan zähmet üstünliklerini, Garaşsyz Watanymyzda



amala aşyrylýan beýik işleri täze öwüşgin bilen giňden beýan etmek hem-de taryhymyzy, baý milli medeniýetimizi we sungatymyzy dünýä ýüzüne ýaýmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetini döretmeli.

2. Türkmenistanyň teleradio ulgamy, telefilmler we kinofilmler babatdaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň üstüne ýüklemeli.

3. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary M. Ýazmuhammedowa gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 17-si.*
*№ PP-5871*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1521 Ş. A. Alowow hakynda

**Şadurdy Ataýewiç Alowowy** Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine bellemeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 17-si.*
*№ PP-5871A*